# Howlymyzda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Howlymyzda HOWLYMYZDA

"Sen” saýa gözleýär,
"Men” bolsa güneş
Biri iren yssydan,
ol biri
sowukdan gözläp gaçalga,
Güneş nuruny bütin teni bilen ýuwdasy gelýär.

Eýjejik howly,
reñbe-reñ güller,
biraz garaşsañ guşlaram geler!

"Sen” saýa gözleýär,
a "men”
oturgyjyn süýräp, güneş bilen aýlanýar.

Aýlanýar, aýlanýar, aýlanýar
Şol barşyna çaknyşýarlar ikisi,
döwülýär aýna,
bozulýar sahnadan
Sen,
men,
güneş,
saýa.

Ybraýym BADAHŞAN. Goşgular